THE ASHGABAT TIMES

Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersiteti 2024-2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr we magistr maksatnamalary) boýunça talyplyga kabul edýär

**I. Hünärmen maksatnamasy:**

1. Amaly geologiýa, dag işi, nebitgaz işi we geodeziýa (hünärler: **nebit-gaz känlerini özleşdirmek we ulanmak; nebit we gaz guýularyny burawlamak; nebitgazgeçirijilerini we nebitgazyň saklanýan ýerlerini taslamak, gurmak we ulanmak; nebitiň we gazyň geologiýasy; gidrogeologiýa we inžener geologiýasy; geologiki kartalaşdyrma we magdan ýataklarynyň gözlegi; peýdaly magdanlary gözlemegiň we barlamagyň geofiziki usullary; markşeýder işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlary baýlaşdyrmak**).

2. Himiýa tehnologiýalary (hünär: **nebiti we gazy gaýtadan işlemegiň himiki tehnologiýasy**).

3. Tehnosfera howpsuzlygy we tebigaty abadanlaşdyryş (hünär: **daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmak**).

4. Maşyngurluşyk (hünär: **sowadyjy, kompressor maşynlary we desgalary**).

5. Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary (hünär: **nebitgaz desgalary we senagat gurluşygy**).

6. Elektrik we ýylylyk energetikasy (hünärler: **senagat desgalarynyň we tehnologik toplumlaryň elektrohereketlendirilişi hem-de awtomatikasy (nebitgaz pudagynda); gazturbina desgalary we gazkompressor stansiýalary**).

**II. Bakalawr maksatnamasy:**

1. Amaly geologiýa, dag işi, nebitgaz işi we geodeziýa (taýýarlygyň ugry: **dag işi**).

2. Tehniki ulgamlarda dolandyryş (taýýarlygyň ugry: **standartlaşdyrmak we metrologiýa (nebitgaz pudagynda)**).

3. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (taýýarlygyň ugurlary: **maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (nebitgaz pudagynda); kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi (nebitgaz pudagynda)**).

4. Maglumat howpsuzlygy (taýýarlygyň ugry: **maglumat howpsuzlygy (nebitgaz pudagynda)**).

5. Maşyngurluşyk (taýýarlygyň ugry: **tehnologiki maşynlar we enjamlar (nebitgaz**

Все права защищены

**pudagynda)**).

6. Elektrik we ýylylyk energetikasy (taýýarlygyň ugry: **elektroenergetika we elektrotehnika (nebitgaz pudagynda)**).

7. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugry: **nebitgaz pudagynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy**; **işgärleri dolandyrmak (nebitgaz pudagynda)**).

**III. Bakalawr maksatnamasy (okuwlar iňlis dilinde alnyp barlar):**

1. Amaly geologiýa, dag işi, nebitgaz işi we geodeziýa (taýýarlygyň ugurlary: **nebitgaz işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň geologiýasy we gözlegi**).

2. Himiýa tehnologiýalary (taýýarlygyň ugry: **himiýa tehnologiýasy (nebitgaz pudagynda)**).

3. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (taýýarlygyň ugry: **programma inženerligi**).

4. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugry: **logistika (nebitgaz pudagynda**)).

Uniwersitetde okuwlar tölegli esasda alnyp barylýar.

Uniwersitete umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2024-nji ýylyň 15 – 28-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

Все права защищены

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3×4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat we Arkadag şäherleri — iýul aýynyň 31-i – awgust aýynyň 1-i, 2-si we 3-i günleri;

Balkan welaýaty — awgust aýynyň 4-i, 5-i we 6-sy günleri;

Mary welaýaty — awgust aýynyň 7-si, 8-i we 9-y günleri;

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 10-y, 11-i we 12-si günleri;

Ahal welaýaty — awgust aýynyň 13-i, 14-i we 15-i günleri;

Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 16-sy, 17-si we 18-i günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär:

Все права защищены

hünärler: **nebit-gaz känlerini özleşdirmek we ulanmak; nebit we gaz guýularyny burawlamak; nebitgazgeçirijilerini we nebitgazyň saklanýan ýerlerini taslamak, gurmak we ulanmak; nebitiň we gazyň geologiýasy; gidrogeologiýa we inžener geologiýasy; geologiki kartalaşdyrma we magdan ýataklarynyň gözlegi; peýdaly magdanlary gözlemegiň we barlamagyň geofiziki usullary; markşeýder işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlary baýlaşdyrmak; sowadyjy, kompressor maşynlary we desgalary; nebitgaz desgalary we senagat gurluşygy; senagat desgalarynyň we tehnologik toplumlaryň elektrohereketlendirilişi hem-de awtomatikasy (nebitgaz pudagynda); gazturbina desgalary we gazkompressor stansiýalary;** taýýarlygyň ugurlary: **dag işi; maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (nebitgaz pudagynda); kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi (nebitgaz pudagynda); maglumat howpsuzlygy (nebitgaz pudagynda); tehnologiki maşynlar we enjamlar (nebitgaz pudagynda); elektroenergetika we elektrotehnika (nebitgaz pudagynda); nebitgaz pudagynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy; işgärleri dolandyrmak (nebitgaz pudagynda) —** fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **nebiti we gazy gaýtadan işlemegiň himiki tehnologiýasy; daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmak;** taýýarlygyň ugry: **standartlaşdyrmak we metrologiýa (nebitgaz pudagynda) —** himiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

taýýarlygyň ugurlary (okuwlar iňlis dilinde alnyp barlar): **nebitgaz işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň geologiýasy we gözlegi; programma inženerçiligi; logistika (nebitgaz pudagynda) —** iňlis dili, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

taýýarlygyň ugry: **himiýa tehnologiýasy (nebitgaz pudagynda) —** iňlis dili, himiýa, Türkmenistanyň taryhy.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil boýunça geçirilýän derslerden başga ähli okuw dersleri boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Taýýarlygyň ugurlary (okuwlar iňlis dilinde alnyp barlar) boýunça giriş synaglaryny üstünlikli tabşyran dalaşgärler okuw işini geçirmek üçin ýeterlik derejede iňlis dilini bilişini barlamak maksady bilen test tabşyrýarlar.

Iňlis dilini erkin bilýän dalaşgärler 1-nji okuw ýylyna kabul edilýär. Iňlis dilini erkin bilmeýän

Все права защищены

dalaşgärler bir okuw ýylynyň dowamynda dil taýýarlygy okuwyny goşmaça geçýärler, okuwlaryň jemleri boýunça oňyn bahanyň alynmagy olara saýlap alan taýýarlygynyň ugry boýunça 1-nji okuw ýylynda okuwlaryny dowam etmäge mümkinçilik berýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synaglardan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**VI. Magistr maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Amaly geologiýa, dag işi, nebitgaz işi we geodeziýa (taýýarlygyň ugry: **nebitgaz işi**).

2. Himiýa tehnologiýalary (taýýarlygyň ugry: **uglewodorod gazlaryny gaýtadan işlemegiň tehnologiýasy**).

Uniwersitete ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan Türkmenistanyň raýatlary giriş synagynyň netijesi boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2024-nji ýylyň 15 – 28-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— ýokary bilim baradaky resminamanyň we goşundysynyň tassyklanan göçürmeleri ýa-da asyl nusgalary (daşary ýurt döwletinde berlen ýokary bilim hakyndaky resminama onuň Türkmenistanda ykrar edilendigi baradaky şahadatnamasy goşulýar);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

Все права защищены

— 3×4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synagy we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat şäheri) 2024-nji ýylyň 3 – 18-nji awgusty aralygynda bellenilen möhletlerde geçirilýär.

**Giriş synagy:**

taýýarlygyň **nebitgaz işi** ugry boýunça amaly geologiýa, dag işi, nebitgaz işi we geodeziýa boýunça ýokary bilimiň okuw maksatnamasy esasynda;

taýýarlygyň ***uglewodorod gazlaryny gaýtadan işlemegiň tehnologiýasy*** ugry boýunça himiýa tehnologiýalary boýunça ýokary bilimiň okuw maksatnamasy esasynda döwlet dilinde  geçirilýär.

Bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelmediklere goşmaça mümkinçilik berilmeýär.

Giriş synagynyň netijeleri boýunça magistr maksatnamasyna **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** saýlan taýýarlygynyň ugry boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanlar peýdalanýarlar.

***Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň salgysy: Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 8. tel.: 39-13-74, 39-13-70.***

Şeýle hem şu salgylardan hem okap bilersiňiz: https://www.education.gov.tm/education-details/36

Все права защищены

Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň resmi web saýty (education.gov.tm)

Все права защищены